**Türkmenistanyň Statistika**
**baradaky döwlet komitetiniň**
**2022-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky**
**№ 106 buýrugy bilen tassyklanyldy**

## № 13-aragatnaşyk (hil) «Aragatnaşyk kärhanalarynyň işleriniň hili we aragatnaşyk serişdeleri barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygy formasyny doldurmak boýunça

## G O L L A N M A

№ 13-aragatnaşyk (hil) «Aragatnaşyk kärhanalarynyň işleriniň hili we aragatnaşyk serişdeleri barada hasabat» (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylyk formasy boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligiň kärhanalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligi, ÝGPJ-i "Altyn asyr", ÝGPJ-i "Aşgabat şäher telefon ulgamy" tarapyndan düzülýär we hasabat formanyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar. Hasabatda aragatnaşyk kärhanalarynyň işleriniň hili barada maglumatlar berilýär.

**Aragatnaşyk kärhanalarynyň işleriniň hili.** 01-06 setirleriň görkezijilerinde hasabat döwründe poçta arkaly iberilen serişdeleriň ýitgileriniň we ogurlanmak hadysalarynyň ýüze çykarylanlarynyň sany we jemi, şeýle hem hasabat döwründe bolup geçen geçirilýän pullaryň ýetmezçiliginiň we ogurlanan möçberi görkezilýär. Poçta arkaly iberilen serişdeleriň ýitgilerine we ogurlanmalaryna aragatnaşyk kärhanalarynda we beýleki pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda (raýat awiasiýasy, demir ýol edaralarynda) sargyt boýunça hatlaryň we banderollaryň, gymmatly hatlaryň we banderollaryň, adaty we gymmatly ibermeleriň ýitmeginiň we ogurlanmagynyň ähli ýüze çykarylan hadysalary degişli, oňa ýangyn we beýleki tebigy betbagtçylyklarda bolup geçýän talaňçylyklar we ýitirmek ýagdaýlary hem goşulýar.

Eger poçta arkaly iberilen serişdeleriň goýumlaryň bir bölegi ogurlanan bolsa, onda şeýle iberilen serişdeleriň möçberi we ogurlanan böleginiň gymmaty 01-04 setirleriň görkezijilerinde görkezilýär.

Iberilen puluň ýetmezçiliklerine we ogurlanmagyna iberilen puluň ähli ýetmezçilik edýän jemleri degişli, oňa poçtalýonlar we aragatnaşyk bölümleriniň işgärleri tarapyndan edilen ogurlyklar, şeýle hem ýolda edilen ogurlyklar, şol kärhananyň işgäri tarapyndan, ýa-da onuň kömegi bilen başga bir adam tarapyndan pul alnan ýagdaýynda girdeji alynmadyk ibermeler we galp resminamalary (ibermeleri) boýunça pullaryň tölegi görkezilýär.

Gymmatly gulluk hatlarynyň hem-de limitden daşary galyndylar bilen gaýtadan iberilýän ätiýaçlyk haltalarynyň we geçirilýän pullaryň goşmaça goşundylaryň ýitmegi we ogurlanmagy hem iberilen serişdeleriň ýetmezçiligine we ogurlyklaryna degişli.

Ýitirilen we ogurlanan poçta arkaly iberilen serişdeleriň möçberi we jemi hem-de iberilen puluň ýetmezçiligiň we ogurlananyň jemi günäkäre ogurlanan (sowulan, ýitirilen) pul töledilendigine (doly ýa-da bölekleýin), ýitirilen iberilen serişde tapyldymy we derňew tamamlanandygyna, tamamlanmadygyna garamazdan, 01-06 setirleriň görkezijilerinde olar ýüze çykarylanda bellenen möçberlerde görkezilýär.

01-04 setirleriň görkezijilerini doldurmak üçin degişli delilnamalar 05, 06 setirleriň görkezijilerini bolsa – buhgalter hasabatynyň maglumatlary esas bolup hyzmat edýär.

Telegraf aragatnaşygynyň işiniň hilini häsiýetlendirýän 07-12 setirler boýunça görkezijileri telegraflar, poçtamplar, welaýat (etrap) merkezleriniň birleşen görnüşleriň aragatnaşyk kärhanalary, etrap (şäher) aragatnaşyk merkezleri doldurýarlar.

Oba ýerlerinde, etrabyň garamagyndaky şäherlerde we etrap merkezi hasaplanylmaýan şäherçelerde aragatnaşyk bölümleri boýunça telegraf aragatnaşygynyň işiniň hili 07, 08, 11, 12 setirler boýunça görkezijilerde berilýär. Bu aragatnaşyk bölümlerinde eltmek üçin telegrammalaryň geçmegi (09, 10 setirler) göz öňünde tutulmaýar we ol diňe olaryň telegraf aragatnaşygy ýok mahalynda, ýa-da telegraf aragatnaşygy bar bolanda, ýöne telegrammalary gowşurmak üçin poçtalýonlar bolmasa hasabatda görkezilmeýär.

13-16 setirler boýunça görkezijiler şäherara telefon aragatnaşygynyň işiniň hilini häsiýetlendirýär.

13 setiriň görkezijisi boýunça maglumatlar başlanýan ýerinde oturdylan sargyt we sargyt-habar berýän liniýalarynyň we çagyryşlaryň sanyny bellige alýan hasaplaýjy enjamlaryň görkezijileriniň esasynda kesgitlenilýär.

14 setiriň görkezijisi boýunça maglumatlar sargytlaryň blanklary boýunça kesgitlenilýär. 13, 14 setirleriň görkezijileriniň hasaba almagy her gije-gündizde ösýän jem bilen çärýek boýunça ýöredilýär.

15, 16 setirler boýunça görkezijiler “Türkmenaragatnaşyk” agentligi ulgamynyň “Şäherara we zolagyň içinde telefon aragatnaşyk ulgamynyň tehniki taýdan ulanylyşynyň düzgünleri” bölüminiň 5, 7, 17 böleklerine laýyklykda kesgitlenilýär we Düzgünlere goşulan № 2-nji Goşundydaky maglumatlaryň esasynda doldurylýar.

**Şäher we oba telefon aragatnaşygynyň işleýşi.** 17, 18 setirleriň görkezijileri şäher telefon aragatnaşygynyň işiniň hilini häsiýetlendirýär.

17 setiriň görkezijisinde ŞTS bejermek boýunça gullugyna gelen ähli arzalary we ýüz tutmalar hasaba alynýar, şol sanda: HB şifr bilen (bellenilýän) habar berýän häsiýetli, müşderi synag-ölçeýji stoldan çagyryşa jogap bermeýär (şifr JB), ýerli ýa-da şäherara birleşmeleri bilen telefon boş däl (S we HK şifrler), meýilnama boýunça geçirilýän bejeriş iş sebäpli telefon işlemeýär (A we M şifrler), synag-ölçeýji stolynda barlag işler geçirilende aragatnaşygyň bozulmalary ýa-da zaýaçylyklary ýüze çykarylmadyk (ÝÇ şifr) ýagdaýda arzalar we beýleki arzalar hasaba alynýar.

18,19 setirleriň görkezijilerinde synag-ölçeýji stoldan (enjamdan) lineýno-müşderi, apparat (müşderiň günäsi boýunça ýüze çykanlary goşmak bilen), kabel we stansiýa-müşderi tarapyndan çykan zaýaçylyklar sebäbi boýunça synagy tassyklanan telefon aragatnaşygy (telefon işlemändur) bozulany boýunça zaýaçylyklaryň möçberi görkezilýär. Öňüni alyş barlaglar geçirilende ŞTS hyzmat ediş işgärleri tarapyndan ýüze çykarylan (ATS habar bermegi boýunça, barlaglar geçirilende we ş. m.) we müşderi ŞTS bejeriş Gullugyna arzany bermänden öň bejerilip aýrylan zaýaçylyklar 18, 19 setirleriň görkezijilerine goşulmaýar.

Eger kabelde bölekleýin zaýaçylyklar bolsa, ol ölçeýjiler arkaly tassyklanan bolsa, we ony dikeltmek üçin giň kabel muftasyny açmaly bolsa, şeýle kabeldäki ŞTS bejeriş Gullugyna şu kabel boýunça gelen arzalaryň sany boýunça zaýaçylyklaryň möçberi hasaplanylýar.

Kabelde zaýaçylyklary aýyrmak üçin, kabeliň aralygyny çalşyrmak ýa-da kabeliň bölegini oturtmak zerur bolsa, zaýaçylyklaryň umumy möçberi we olardan bellenen möhletlerde aýrylany ýa-da aýrylanmadygy şu kabeliň işe girizilen sygymy boýunça kesgitlenilýär. 17-19 setirleriň görkezijileri boýunça ilkinji hasaba alyşyň resminamalary bolup, zaýaçylyklaryň hasaba alyş kitapçalary hyzmat edýär.

Barlanan taksofonlaryň we olardan abat dälleriniň sany barada maglumat almak üçin taksofonlaryň işine ýörite yzygiderli gözegçilik amala aşyrylýar, her aýda olaryň umumy sanyndan 10%-den az bolmadygy we şol sanda köp taraply işleýänleriniň 10%-den az bolmadygy seçimleýin barlag geçirilýär. Barlagyň netijeleri delilnamalar bilen resmileşdirilýär, olar 20, 21 setirler boýunça görkezijileri doldurmak üçin esas bolup hyzmat edýärler.

22, 23 setirler boýunça görkezijilerde hasabat döwründe ŞTS-da barlag toplumlarynyň netijeleri görkezilýär, ol stansiýanyň içindäki, merkezleriň içindäki, ulgamlaýyn aragatnaşyk ugurlarynda, şeýle hem şäherara telefon aragatnaşyk ugurlarynda belli bir tertip boýunça ŞTS stansiýalarynda geçirilýär.

24-26 setirleriň görkezijileri oba telefon aragatnaşygynyň işiniň hilini häsiýetlendirýär.

24 setiriň görkezijisinde oba telefon aragatnaşygynyň işleýşine gelen arza-hatlaryň sany, şol sanda (şäher telefon aragatnaşygy boýunça ýaly) HB, JB, A we M, ÝÇ we beýleki arzalar hasaba alynýar.

25, 26 setirleriň görkezijilerinde kadaly telefon aragatnaşygyny bozýan, ol synag-ölçeýji stoly (enjamy) ýa-da müşderiň sowal-jogaby bilen ulanyp, barlagda tassyklanan ähli zaýaçylyklar görkezilýär. Oňa öňüni alyş barlaglar geçirilende hyzmat ediji işgärler tarapyndan ýüze çykarylan we müşderi arzany bermänden öň bejerilip aýrylan zaýaçylyklar goşulmaýar.

Howa we kabel aragatnaşyk ýollarynyň zaýaçylyklarynyň möçberi aragatnaşyk ýollarynyň zaýaçylygy barada gelen arzalaryň sany boýunça däl-de, berkidilmedik birleşdiriji we müşderi ýollarynda işe girizilen jübütleriň sany boýunça, ýokary ýygylykly apparatlar bilen berkidilen ýollarda bolsa işe girizilen ugurlaryň sany boýunça kesgitlenilýär.

24-26 setirleriň görkezijileri boýunça maglumatlar «Zaýaçylyklar we oba telefon aragatnaşygynda zaýaçylyklar barada arzalaryň hasaba alyş Kitapçasynyň» esasynda görkezilýär.

Radio arkaly alyp eşitdiriş merkezleriniň serişdeleriniň işleriniň hilini häsiýetlendirýän görkezijiler 27-30 setirler boýunça görkezilýär.

27, 28 setirleriň görkezijilerinde kärhananyň günäsi boýunça paýlaýjy ýollary göniden-göni güýçlendirýän ähli stansiýalaryň, kiçi stansiýalaryň işiniň dowamlylygy we işlemän duran wagtynyň dowamlylygy görkezilýär.

27 setiriň görkezijisinde radio arkaly alyp eşitdiriş merkezleriniň stansiýalarynyň we kiçi stansiýalarynyň alyp eşitdiriş tertibi boýunça meýilleşdirilen işiň umumy dowamlylygy görkezilýär. Ol bir günde merkeziniň stansiýalarynyň we kiçi stansiýalarynyň alyp eşitdiriş tertibi boýunça iş sagatlarynyň möçberini hasabat çärýeginde senenama günleriniň sanyna köpeltmek bilen kesgitlenilýär.

Işsiz duran wagtynyň dowamlylygyna (28 setir) kärhana degişli stansiýa, energetik we ýol desgalarynyň gijikdirmeleri ýa-da nädogry öçürmekleri ýa-da abat däldigi (işlemän durmagy) sebäpli işsiz duranlygy goşulýar.

27, 28 setirleriň görkezijileri apparat kitapçasynyň maglumatlarynyň esasynda doldurylýar.

«Radio arkaly alyp eşitdiriş ulgamynda bar bolan zaýaçylyklary barada arzalary hasaba alyş kitapçasy» 29, 30 setirleriň görkezijilerini doldurmak üçin esas bolup durýar.

**Aragatnaşyk serişdeleri.** 31-66 setirler boýunça bölümiň görkezijileri hasabat ýylynyň ahyryna bar bolan aragatnaşyk serişdeleri barada maglumatlaryn özünde jemleýär.

31, 32 setirleriň görkezijileri boýunça hasabaty zolaklaryň içindäki we uly möçberli telefon ulgamlarynyň kärhanalary we olaryň bölümçeleri, GSUMS, GS, "Kosmos aragatnaşygy", şeýle hem kosmos apparatlary arkaly guralan ugry bar bolan radio gepleşikleriň we radio aragatnaşygynyň önümçilik birleşikleri düzýärler.

Geçiriş ýollaryň ähli meýdanlary boýunça halkara telefon ugurlarynyň uzynlygy olaryň uzynlygyny geçiriji ulgamlaryň dürli enjamlaryny ulanmak bilen emele gelen tonal ýygylykly ugurlaryň, şeýle hem iki hatar geçirilen simler boýunça emele gelen telefon ugurlarynyň mukdaryna köpeltmegiň netijelerini jemlemek arkaly kesgitlenilýär.

Şäherara telefon ugurlarynyň uzynlygy geçiriş ýollaryň ähli meýdanlary boýunça ätiýaçlyk ýollaryň we aragatnaşygyň simmetrik we koaksil kabel ýollarynyň we radio ýollarynda iň köp gepleşilýän ugur boýunça ätiýaçlyk toparlaýyn traktlarynyň uzynlygy hasaba alynmaýar.

31, 32 setirleriň görkezijilerinde geçiriji ulgamynyň apparaty bilen emele getirilen aragatnaşyk ýollarynda, Beýleki ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň we guramalaryň diňe ulanyş-tehniki hyzmatlara geçirilen ýollary (ugurlary) bu görkezijilerde görkezilmeýär.

33 setir boýunça görkezijide bar bolan hereket edýän ugurlar oňa şeýle hem ulanyş ätiýaçlygynda duran we öňüni alyş abatlaýyşda duran şäherara telefonlar görkezilýär, ammardaky duran taksofonlary hasaba almazdan.

34 setirde 35, 39 setirleriň jemine deň bolan "Türkmenaragatnaşyk" agentligiň telefon stansiýalaryna birikdirilen telefon apparatlarynyň umumy sany görkezilýär.

34-42 setirleriň görkezijilerinde degişlilikde şäher we oba telefon ulgamlarynyň: esasy (goşmaça, goşalanan, göni ýollara birikdirilenleri) we öý telefon apparatlary girizilýär.

36, 40 setirler boýunça telefon apparatlarynyň umumy sanyndan, telefon stansiýalarynda özbaşdak belgileri eýeleýän esasy, şol sanda beýleki telefon apparatlary bilen bir umumy ýola birikdirilenleri (goşalanan telefonlar) görkezilýär.

43-46 setirleriň görkezijilerinde hereket edýän taksofonlaryň degişlilikde şäher we oba, köp taraply we olardan şäherara-oba taksofonlaryň bar bolany görkezilýär.

47 setirde 48, 52 setirleriň jemine deň bolan beýleki gentligin pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň telefon stansiýalaryna birikdirilen we "Türkmenaragatnaşyk" agentligiň ulgamyna çykýan telefon apparatlarynyň bar bolany görkezilýär.

48-55 setirleriň görkezijilerinde degişlilikde şäher we oba telefon ulgamlarynyň: ähli esasy (goşmaça, goşalanan, göni ýollara birikdirilenleri) we öý telefon apparatlary girizilýär.

48, 52 setirler boýunça telefon apparatlarynyň umumy sanyndan beýleki ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň telefon stansiýalaryna birikdirilen özbaşdak belgili we "Türkmenaragatnaşyk" agentligi aragatnaşyk ulgamyna çykmak mümkinçiligi bolan, şol sanda beýleki telefon apparatlar (goşalanan telefonlar) bilen bir umumy aragatnaşyk ugurlara birikdirilen esasy telefon apparatlary görkezilýär.

56-58 setirlerde esasy we köp ýaýlymlysy aýratyn görkezmek bilen "Türkmenaragatnaşyk" agentligi stansiýalaryna birikdirilen radio arkaly alyp eşitdiriş nokatlarynyň sany görkezilýär.

59-61 setirlerde Internetden peýdalanyjylaryň bar bolan sany şol sanda Internetden peýdalanyjy ilatyň, eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki kärhanalaryň we guramalaryň sany görkezilýär.

62 setirde IP telewideniýanyň sany görkezilýär.

63 setirde kabel telewideniýanyň sany görkezilýär.

64-nji setirdeт Internet-kafe-internetiň elýeterliligine mümkinçilik berýän köpçülikleýin ýer görkezilýär.

65 setirde birikdirilen radiotelefonlaryň sany.

66-njy setirde aragatnaşyk guramalary tarapyndan RÝyTPGDG (Türkmenistanyň ýdalanyşynyň gözegçilik etmek boýunça Döwlet gullugy) bellige alnan radio elektron serişdeleriň umumy sany görkezilýär.

Aragatnaşyk serişdeleriniň sanynyň azalan (hatardan çykan) ýagdaýynda, geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende aragatnaşyk işiniň hil görkezijileriniň peselen ýagdaýynda hasabata düşündiriş ýazgysynda şeýle ýagdaýyň sebäbini görkezmek zerur.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**